# Ýediñde ýazylan goşgy

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Ýediñde ýazylan goşgy **ÝEDIÑDE ÝAZYLAN GOŞGY**




Gitdiň sen!
Hiç kim tutmaz seň ýeriňi.
Ýene daraldy ömrümiň
Öňdenem çäkli gerimi.
Sessiz gözýaşym,
Agraltdy aýralyk zaryn.
Aldyrdym tende galanja,
Janymyň ýaryn.

Öňküler deý kim diýr maňa,
"Haý, oglan, çaýyň içjekmi"?!
Diýlende, şo ýakyn sesi,
Indi men bir eşitjekmi?!

Ýarym asyr bileligi,
Haýp, bile alyp gitmediň!

Gitdiň!
Menden soňa gal sen, diýsem,
Etmediň!

Nätjek?!
Sensiz tapdan düşer gerden.
…Bol-da, iman äkidenden!

21.06.2024 ý. Goşgular